# «Hamasyñ» «ýokarky akyly» maksadyna ýetdi!

Category: Kitapcy,Nukdaýnazar,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
"Hamasyñ" "ýokarky akyly" maksadyna ýetdi! «HAMAS»-yñ «ÝOKARKY AKYLY» MAKSADYNA ÝETDI!




Pähim-paýhas hakda aýdylanda, «problema çözme ukyby» diýilýär, akyl üçinem «haýsy problemany ilki çözjegini bilme ukyby» diýilýär. «Hamas» öñki hasapda we soñky hasapda Ysraýyla ýarajak uruşy turuzdy.
Problemany çözüp bilmedi. Öñünem oýlap bilmedi, soñunam. Paýhasyny kime kireýne berdi? Akylyny kime ynandy?
* * *

«Hamasyñ» aýdym-saz festiwalyna dökülip, 200 ysraýyllyny öldürmegine Ysraýyl uruş terroryny başladyp jogap berdi. Çagalar öldürildi. Eneler oka tutuldy.
Hirosima atylan atom bombasynyñ emele getiren weýrançylygyndan otuz esse beter ölüm ýagdy. Palestin gany döküldi. Ýönekeý ilat gyryldy.

«Hamas» we onuñ «ýokarky akyly» şeýle netijäniñ boljagyny bilmän duran däldir.

* * *

Soñky kyrk ýyla serediñ. Diñe Ysraýyl üstün çykdy.
Soñky kyrk ýyl bäri Ysraýyl Gazä bäş gezek uruş yglan etdi, her gezegem ýönekeý palestin ilatyny urup: «Ýa göçüñ, ýa ölüñ, ýa-da sizi köle kowarys…» diýipdi. Altynju uruş çaga, aýal, ýönekeý ilat genosidine öwrülipdi. Bir million palestinaly dogduk depesini taşlap göç etdi. Dünýä taryhynyñ başdan geçiren iñ gandöküşikli gyrgynçylygy kyrkynjy gününe golaýlaşanda, 10 müñden gowrak palestinaly wepat boldy.

* * *

Soñky kyrk ýylyñ içinde Ysraýyl Günbatar Şeriany, Gündogar Ierusalimi, Gazäni, Müsürde Sinaý ýarymadasy bilen Siriýada Golan depelerini okkupirläpdi. Häzir Palestinanyñ üstüne-de labyryny atdy. Ysraýylyñ premýer-ministri «Uruş gutaraýanda-da Gazadan çykmajakdyklaryny we ysraýyl goşunynyñ Gazäni uzak wagtlap golastynda saklajakdygyny» mälim etdi, ýumruk çenedi. Urşy başlan «Hamas» halkyny, watanyny gorap bilmedi.
«Hamasyñ» «ýokarky akylynyñ» maksady, «Palestin halkyny, çagalary, eneleri, raýatlary, şäherleri Ysraýylyñ otuz atom bombasynyñ güýjündäki hüjümiñ garşysynda garawsyz, çäresiz, umytsyz, goragsyz goýmak bolsa», onda maksadyna ýetdi.




* * *

«Hamasyñ» urşy başlamazynyñ öñisyrasy Ysraýylyñ premýer-ministri Binýamin Netanýahu ýurdunda öz halkynyñ aglaba bölegi bilen oñuşman ýördi. Kyn ýagdaýdady. Nirä urunjagyny bilenokdy. Ugruny ýitiripdi. Ýaragly Güýçleriñ Ştabynyñ başlygy Halewidir Goranmak ministri Galant bilen özara dawasyny bilmeýän ýokdy. Ol özüne garşy çykan Goranmak ministrini wezipeden boşatjakdygyny aýdan badyna Ysraýylda ýüz müñlerçe raýat köçelere çykypdy. Ysraýyl 75 ýyllyk döwlet. Ýetmiş bäş ýylyñ içinde halkyñ iñ güýçli nägileligi soñky

premýer-ministr Netanýahuwa garşy bildirilýärdi.
Işçileriñ gahar-gazaby ýetjek derejesine ýetipdi. Ýurduñ iñ uly howa menzili işläp bilmez ýaly ýagdaýa gelipdi. Diplomatlar gaharlydy. Ysraýylyñ konsullyklaryny we ilçihanalaryny biruçdan ýapyp başlapdylar. Ätiýaçdaky harbylar «berlen tabşyryklary ýerine ýetirmejekdiklerini» aýdyp, köçeleriñ ugrunda gygyrýardylar. «Hamasyñ» «ýokarky akyly» nirä urunjagyny bilmeýän Netanýahuwa rahat dem aldyrdy.

* * *

«Hamas» Ysraýyla hüjüm etdi. Ysraýyl mundan ýerlikli peýdalandy. Uruş yglan etdi. Gazada gyrgynçylyga başlady. «Hamas» halkyny, watanyny gorap bilmedi. Palestinalylar Gazadan çykaryldy.
Ysraýyl Gazany ilki okkupirlemek, soñ doly basyp almak meýilnamasyny güýje girizdi. Ysraýylyñ premýer-ministri: «Uruş soñlanaýanda-da Gazadan çykmarys» diýdi. Bu meýilnamanyñ amala aşmagy üçin «Hamasyñ» Ysraýyla hüjüm etmegi gerekdi. Şu nukdaýnazardan seredilende, «Musulman doganlaryñ» Palestinadaky şahamçasy hökmünde gurulan «Hamasyñ» «ýokarky akyly» maksadyna ýetdi.
«Hamasyñ» «ýokarky akyly» kim?

Nejati DOGRU.

«SÖZCÜ» gazeti, 13.11.2023 ý. Publisistika